# Alym hem gämiçi hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Alym hem gämiçi hakynda hekaýat Alym hem gämiçi hakynda hekaýat

Öñ bir alym gämä münen badyna,
Şeý diýipdir ony sürýän adama:

«Meniñ sowalyma jogap ber basym,
Ylym diýlen zatdan habardarmysyñ-»

Gämiçi aýdypdyr: «Kitap okamok,
Señ diýýän ylmyñdan bilýän zadym ýok».

alym şeýle diýen: «Bu bolşuñ erbet,
Onda ömrüñ ýaryn köýdi hasap et».

…Olar alys syýahata ugranda,
Birden güýçli gaý turupdyr ummanda.

Gämiçi sorapdyr: «Jogap ber basym,
Ýüzmek diýlen zatdan habardarmysyñ-»

«Men diñe ylyma berilen bende…»
«Ömrüñ baryn köýdi hasap et onda…»

Deñziñ holtumyna düşende elin,
Ylymly bolmagam gerekdir welin,

Ýüzmegi başarmak has zerur ondan,
Ine, şu barada oýlanyñ çyndan. Goşgular